# Şahyr Nobatguly Rejebowa

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Şahyr Nobatguly Rejebowa

* * *

**Şahyr Nobatguly Rejebowa**

Daña golaý tutdy gelniñ burgusy,
Dişin gysyp kän horlandy biçäre.
Owalynda tebigatyñ buýrugy,
Dogurýança señ eliñde ne çäre!

Birdenem dünýeler ýagtylyp gitdi,
Artdy Ýer şarynda bir adam sany!
Begenç gözýaşlaryn sylýan enäniñ
Ogla ýüzi düşüp ynjaldy jany.

Ertirden soñ ak towguñyz wakgyldap,
Bir ýumurtga guzlap etdi galmagal.
Sen ketekden ýygnap ýumurtgalary
Ýaglyja heýgenek etdiñ şo mahal.

Saçlaryñ bulaşyk, gözleñ ukuly,
Heýgenekli jamy toruña salyp,
Barýañ penjireden ýylgyrýar gelniñ
Saña meñzeş ogly gujagna alyp.

Bir görseñ hemme zat gülala-güllük,
Birdenem başynda dünýäñ görgüsi!
Indi nije gündür ynjalyk bermän,
Tutýar ýüreginden goşgyñ burgusy!

Sona ÝAZOWA.

Goşgular